# Atsyz goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Atsyz goşgy ATSYZ GOŞGY



Ýyllar alyp gidýär günleri idip,
Uzak menzillere-geljege sary.
Garany goltuklap, aklygy gysyp,
Ýolun dowam edýär:
Bäri gel, bäri!

Ýygnalan ýyllardan müçeler döräp,
Toplanyp-toplanyp asyra ýetýär.
Adamyň gül ömri mizana münüp,
Şapagy gyzaryp, daňlary atýar.

Ýylgyrýar her dogan günüň jemaly,
Ýüzleri çytykdyr her günki aýyň.
Aýlanyp-dolanyp hereket edýän
Ynsan şu pursatdan alyp ýör paýyn.

Göwni bagly onuň beden duzagna,
Duzak bir boşadyp, ýene bendi edýär.
Perwaz eýläp, pelek çägin aýlanyp,
Gelen köňli telim-telim entedýär.

Gidýär-de dolanýar ruhy ahwallar,
Onuň mekanydyr bir sukum göwre.
Ol gaýym baglanyp, erk berip durýar
Jandara berilen gysgajyk ömre.

Ömürler soňlanyp, ýene-de döräp,
Emele getirýär durmuş akymyn.
Tapgyr-tapgyr ýaşaýyşyň mazmuny
Wagt bilen ölçäp barýar çekimin.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular